# S Ö Z B A Ş Y

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2030-njy ýyla çenli baş ugry" Milli maksatnamasyna laýyklykda, çaklanýan döwürde ýurduň ykdysadyýetiniň ýokary depginleri ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň önümçilik kuwwatlyklarynyň artdyrylmagynyň zerurlygyny, ýerli çig-mal serişdelirinden aňryçäk peýdalanmak, önümleriň görnüşiniň giňeldilmegini, önümçilige öňde baryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny kesgitleýär, olar bolsa ýokary hilli hem-de bäsdeşlige ukyply önümleriň çykarylmagyna mümkinçilik berer.

Türkmenistanyň bilim ulgamynyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine sazlaşykly aralaşýan döwründe esasy mesele hökmünde kämil zehinli, aýdyň pikirli, döredijilik ukyply, watançylyk ruhunda terbiýelenen başarjaň ýaşlary taýýarlamakda, bilimiň esasy çeşmesi bolan okuw kitaplarydyr usuly gollanmalary öz milli dilimizde taýýarlamagyň ähmiýeti örän uludyr.

Jemgyýetde mynasyp ornuňy tapmak, ukyp-başarnygyňy aýan etmek, täsin hem özboluşly taslamalary, ýoň bolmadyk taglym-niýetleri durmuşa geçirmek talyplaryň şu günki we gelejekki wezipeleridir.

Talyplaryň özbaşdak öwrenmegini netijeli ýola goýmagyň mümkinçilikleri, esasan, okuw kitaplarynyň, usuly gollanmalaryň kämilleşdirilmegi bilen baglanyşyklydyr.

Awtorlar tarapyndan hödürlenýän "Nazary mehanika" okuw kitabynyň esasy wezipesi häzirki zaman tehnikasynyň inženerleriň öňünde goýýan mehaniki hereket we özara mehaniki täsir bilen bagly köpsanly meselelerini özbaşdak çözmäge, mehaniki hereketiň umumy kanunlaryny we kanunalaýyklyklaryny öwrenmäge ýardam bermekden ybaratdyr.

Ýokary okuw mekdepleriniň dürli tehniki ugurlarynda, şeýle-de, matematika hünäri boýunça okaýan talyplara we önümçilikde işleýän inžener hünärmenlerine niýetlenip ýazylan "Nazary mehanika" atly okuw kitaby mazmuny we göwrümi boýunça Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanan okuw maksatnamasynyň talaplary göz öňünde tutulyp ýazyldy. Bu okuw kitabynda "Statika", "Kinematika", "Dinamika", "Analitiki mehanika" atly bölümler giňişleýin beýan edilýär.

Mehanikada seredilýän meseleleriň gerimi örän giň bolup, ylmyň ösmegi bilen özbaşdak ugurlar ýüze çykýar. Bu ugurlara mysal edip, maýyşgaklyk nazaryýetini, gidromehanikany, aeromehanikany, gazyň dinamikasyny, şeýle-de, amaly mehanikanyň bölümlerini, ýagny: materiallaryň garşylygy, binalaryň statikasy, mehanizmleriň we maşynlaryň nazaryýeti, gidrawlika ýaly bölümleri görkezip bolar. Emma bu ugurlarda özlerine mahsus bolan kanunalaýyklardan daşary mehanikanyň umumy kanunlary, taglymatlary we usullary ulanylýar.

Şol kanunlary, taglymatlary we usullary öwredýän "Nazary mehanika" okuw kitaby ylmyň bu ugurda täze gazananlaryny öz içine alýar we giň okyjylar köpçüligine hödürlenýär.